Çagalar üçin Mukaddes Kitaby hödürleýär

# Ilkinji Pesah



Ýazan: Edward Hughes

Şekillendiren: Janie Forest; Alastair Paterson

Adaptirlenen: Lyn Doerksen

Terjime eden: Christian Lingua

Alyp baran: Bible for Children
www.M1914.org

©2020 Bible for Children, Inc.
Ygtyýarnama: Siziň bu hekaýany nusga almana we çap etmäne hukugyňyz bardyr, ýöne satuw üçin däl.

Bir zenan, gykylykly depäniň üstinde, gynaçly gözleri bilen bolup geçýän elhenç zatlatra syn etýärdi. Onuň Ogly iň soňky demindedi.



O ene Merýemdi we ol haçda çüýlenen Isanyň ýanynda durdy.



Bu zatlar nädip
boldy? Nädip Isa
öz ajaýyp ömrüni
şeýle
elhenç
terk etdi?
Nädip Hudaý
Öz Oglyny
haçda çüýlenip
ýogalmagyna
rugsat berdi?



Megerem
Isa öziniň
kimligi
bilen
ýalnyşdy?
Hudaý
dogurdanam
utuldymyka?



Ýok! Hudaý asla utulanok. Isa ýalnyşanok. Isa hemmişe Onuň gaharly-günäli adamlaryň elinden öljegini bilýädi.



Haçanda Isanyň çaga wagty hem Simon atly bir garryja baba, Merýeme gaýgy-gamyň häli öňde diýip aýdypdy.

Isanyň
ölüminden
bir näçe
günden öň,
bir aýal
çüýşede
gymmatbaha
atyr ýagyny alyp,
Onuň ýanyna geldi we
ony Isanyň başyna guýdy.



“Ol puly biderege sowdy“ diýip okuwçylar şikaýatladylar. Isa “Ol Meniň üçin ajaýyp iş etdi“ diýdi. Ol bu ýagy Meniň bedenimi jaýlamaga taýýar etmek üçin guýdy. Bu nähili täsin sözler!



Soňra Onkilerden Ýudas
diýen biri ýolbaşçy
ruhanylaryň ýanyna
gidip, otuz teňňe
kümüşe Isa
dönüklik
etmäne
razy
boldy.





Musaýylaryň
Pesah baýramynda,
Isa Öz şägirtleri bilen
iň sonky naharyny
iýdi.  Ol olara Hudaý
barada ajaýyp zatlary,
we ony iman
edenler
üçin Wadasy
barada aýdyp
berdi.



Şonda Isa
olara çörek bilen
käsäni berdi. O
zatlar olara Isanyň
bedeni we gany
olaryň günäsini
ötmek
üçinligi
barada
ýatlatmasydy.

Soňra Isa öz dostlaryna Oňa wepasyzlyk etjekleri we olaryň gaçyp gitjekleri barada aýtdy. Petrus Oňa: “Hemmeler Senden ýüz öwürse-de, men beýle etmerin” diýdi.



Isa oňa: “Saňa dogrusyny aýdýaryn, şu gije horaz gygyrmazdan öň, sen Meni üç gezek inkär edersiň” diýdi.





Şo gije, Isa Getsemani bagyna dileg etmäne gitýär. Onuň ýanynda giden şägirtleri uklap galýalar.



“Abba, Atam,
Sen hemme zady başarýarsyň.
Bu hasrat käsesini Menden sowa geçir, ýöne Meniň islegim däl, Seniň islegiň amala aşsyn” diýdi.

Onkileriň biri Ýudas mähelläniň öňüne düşüp gelýärdi. Isa olara garşylyk görkezmedi, emma Petrus bolsa biriniň gulagyny kesdi. Onsoň Isa hyzmatkäriň gulagyna elini degrip, ony sagaltdy. Isa Onuň tussaklygy Hudaýyň emirleriniň biridigini bilýärdi.



Isany tutup, baş ruhanynyň öýüne alyp gitdiler. Baş ruhana Isanyň jezasy ölümdir diýdi. Petrus hem gara görnümden olaryň yzyna düşüp gitdi.



Üç gezek adamlar Petrusa seredip "Sen Isa bilen!" diýdiler. Isanyň aýdyşy ýalak, üç gezegem Petrus ony inkär etýär. Petrus hapa sözler hem aýtýar.



# Ku-ka-re-ku



Edil şol wagt
horaz gygyrdy.
Bu Petrus üçin
Hudaýyň sesi ýalak
boldy.  Ol Isanyň
aýdan sözlerini
ýatlap hasratly aglady.



Onsoň Isa haýynlyk eden Ýudas Oňa höküm edilenini görüp, eden işine ökündi.


Ol otuz teňňe kümşi yzyna, ýolbaşçy ruhanylar bilen ýaşulululara getirip berse, olar ony yzyna Kabul etmediler.



Ýudas kümüşleri ybadathananyň içine zyňdy-da, gidip, özüni asdy.


Ýahudylar Isany Kaýafanyň ýanyndan Rim häkiminiň jaýyna alyp bardylar. Pilatyň özi olaryň ýanyna
gelip:



“Bu Adamyň; aýyby ýok” diýdi. Mähelle bolsa “Haça çüýläň! Haça çüýläň!” diýip gygyrdylar.

Şonda Pilat halky kanagatlandyrmak kararyna gelip. Isany gamçyladyp, haça çüýlemeli diýip karar beýär. Esgerler Isanyň üstünden gülüp, ýüzüne tüýkürip Ony urdylar.



Onuň egnine gyrmyzy don, başyna tikenden örülen täç geýdirdiler. Soňra olar Ony haça çüýlediler.



Isa hemmişede Özüniň şeýle jan berjegini bilýärdi. Ol Onuň ölümi, Oňa iman eden günäli adamlary halas etjegini hem bilýärdi. Şeýle hem, Isa bilen bile haça çüýlenen iki sanak garakçy bardy.



Olaryň biri Isa iman etdi - Jennede gitdi. Eýlekisi bolsa yok.


Bir näçe sagatdan soň Isa, köp azap çekip "Gutardy" diýdi we jan berdi. Ol öz tabşyrygyny etdi.
Dostrlary Ony jaýlanmadyk mazara jaýladylar.



Soňra esgeler gelip mazaryň agzyndaky daşy möhürlediler. Hiç kim girip hem çykyp bilmez ýalak.


Egerde bu hekaýanyň soňy bolan bolsa, bu gaty gynançly bolardy. Ýöne Hudaý ajaýyp bir zatlar etdi.
Isa ölmedi.



Hepdäniň birinji güni käbir Isanyň şägirtleri gün doganda, mazaryň başyna gelip, mazara dolanyp goýulan daşy tapdylar. Içine seredip görenlerinde Isa ol ýerde ýokdy.

Bir aýal aglap mazaryň ýanynda galdy. Isa onu ýanyna geldi.




Ol begenip eýleki şägirtlere aýdyp bermek üçin yzyna ylgady. “Isa ýaşaýar! Isa ölümden gaýdyp geldi!”

# Tizden Isa öz şägirtleriniň

ýanyna geldi we Öz çüýlenen ellerini görkezdi. Bu hakykatdy. ISA ÝENEDE ÝAŞAÝAR! Ol Petrusy Ondan inkär edenini bagyşlady, we Öz şägirtlerine ilata bolan zatlar hakynda aýdyp beriň diýdi. Soňra Ol Öz gelen ýerine, Jennede, gaýdyp bardy.

# Ilkinji Pesah

Hekaýa Hudaýyň Sözi, Mukaddes Kitap barada,

ýerleşýän yeri

Matta 26-28, Luka 22-24, Ýohanna 13-21

“Siziň girizmä  salan Sözleriňiz ýagtylyk şöhlesi ýalydyr.”  Zebur 119:130

Soňy

Bu Mukaddes Kitabynyň taryhy
bize gudratly Hudaýymyz barada, bizi
döredenligi barada we biziňem Ol hakynda
bilmegimizi isleýänligi hakynda aýdyp berýär.

Hudaýjan biziň ýaman işleri etýänligimizi bilýär we
oňa günä diýip at berýär. Günäniň jezasy ölümdir,
ýöne Huday bizi nahili güýçli söýýär, Ol Öz yeke-
täk ogluny, Isany, haçda ölmek üçin we biziň eden
günälerimizi saplamak üçin dünýä indirýär. Ölümden
soň, Isa (Iisus) ýenede direlip we öz öýüne,
Jennede gaýdyp barýar. Egerde siz Isa iman etýän
bolsaňyz we Ondan günäňizi geçmegini dileýän
bolsaňyz, Ol ony hökman eder! Ol geler we siz
bilen siziň durmuşyňyzda ýaşar we siz hem
Ol bilen baky ömürlik ýaşarsyňyz.

Eger siz bu hakykada ynanýan bolsaňyz, onda o hakynda Hudaýa şeýle ýüzleniň: Eziz Isa, Senin Hudaýlygyňa we Seniň adam bolup meniň günälerimi saplanyňy we häzir Sen ýenede diri ýaşaýanlygyňa ynanýan. Haýyş, meniň durmuşyma gir we meniň Seniň bilen täze durmuşa başlamagym üçin we bir gün Seniň bilen baky ömürlik bile bolmak üçin meniň günälerimi geç. Maňa Seniň sözüňe boýun bolmana we Seniň perzendiň ýalak bolup ýaşamana kömek et. Omyn.

Mukaddes Kitaby okaň we Hudaý bilen gürleşiň.
Ýohanna 3:16 Hudaý dünýäni örän söýendigi sebäpli Özüniň ýeke-täk Ogluny berdi. Ol muny Ogluna iman edenleriň hiç biri heläk bolman, baky ýaşaýşa gowuşmagy üçin etdi.